# Aý hakynda täsin maglumatlar

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Aý hakynda täsin maglumatlar AÝ HAKYNDA TÄSIN MAGLUMATLAR



– Ýer togalagynyň ýeke-täk tebigy hemrasy bolan Aý Gün sistemasynyň iň uly bäşinji hemrasydyr. Ýere iň ýakyn saýýaralardan bolan Aý bizden takmynan 384.403 km daşlykda ýerleşýär.
– Alymlaryň aýtmagyna görä, Aýyň mazamlar ýaly o diýen bir gowy taryhy gelip çykyşy ýok. Orta atylýan pikirler Aýyň 3-5 milliard öň uçursyz uly partlama netijesinde haýsydyr bir saýýaradan gopup emele gelendigini aýdýar.

– Aý aslynda togalak däl, ýumurtga şekilli.

– Aý 2,5 milliard ýyl öň Ýere häzirki duran ýerinden has ýakyn eken we şol sebäpli häzirkisinden has uly görünipdir.

– Aýda atmosfera gatlagynyň ýoklugy üçin Aýyň howasynyň gyzgynlygy 150°-a ýetýär.

– Gün sistemasynda ýerleşen iň uly krater Aýdadyr.

– Aýa 2018-nji ýyla çenli bary-ýogy 12 adam aýak basdy.

– Aýyň bütin gatlagy regolit diýilýän ezilen we tozgalaşan gaýa gatlagyndan döräpdir.

– Aýda haýsydyr bir howa ýagdaýynyň ýoklugy üçin ol ýerde galan aýak yzy millionlarça ýyl saklanyp bilýär.

– Aýda dartyş güýji azlygy üçin eger Ýerde 90 kg bolsañyz, Aýda agramyñyz köp bolsa 15 kg bolýar.

– «Sowuk uruş» döwründe amerikan jeñbazlary Aýda bir atom bombasyny ýerleşdirip, ony partlatmagy hem meýilleşdiripdi. Munuñ sebäbi bolsa, SSSR-e «göz görkezmekdi».

– Aýda atmosfera ýoklugy üçin gije-gündiz diýen zat ýok.

– Ýer Aýdan 81 esse agyrdyr.

– Aýda waý-faý (Wi-fi) ýok. Häzirki waý-faý Ýerden dört gyzylötri teleskop bilen yşyklandyrylan ýol arkaly üpjün edilen.

– Aýda ilkinji bolup golf oýnan Alan Şepard atly kosmonawtdyr.

– Ilkinji bolup Aýyñ kartasyny çyzan Tomas Harriot atly iñlis kosmonawtydyr.

– Aý dolanda orak şekilli wagtyndakysyndan bäş esse ýagtydyr.

– Aýyñ üstündäki gaýa gumlarynyñ kükürt ýaly ysynyñ bardygy aýdylýar.

– Aýda jemi üç dürli gaýa bar. Olar: bazalt, abartozit, breş.

– Aýa ilkinji gezek uçan «Apollon-11» kosmos gämisi Ýerden Aýa barýança dört gün alty sagat ýol sökdi.

– Aý dolanda has ýagtydygyna garamazdan, ol hakykatda Gün şöhlesiniñ diñe 7%-ni Ýere saçýar.

– Yslam medeniýetiniñ başky döwürlerinde astronomlar yslam dini üçin möhüm ähmiýeti bolan orak şekilli ýarym Aýyñ (ýagny täze dogan Aýyñ) haçan görünjekdigini takyk hasaplap bilipdirler.

– Yslam astronomlary Aýyñ döwürleýin stadiýasynda adatdan daşary jadylaýjy güýjüñ barlygyna ynanypdyrlar.

– Orak şekilli täze dogan Aý Remezan aýyny we yslam kalendaryndaky beýleki aýlaryň başlangyjyny aňladýar.

– IX asyrda yrakly alym Al-Kindi daşky gabyklaryň deregine sferalaryň üstünde hasaplaýan trigonometriýany işläp düzüpdir.

– Dünýäniň çar künjündäki adamlaryň ýüzüni Mekgä gönükdirmegi üçin sferiki trigonometriýanyň zerurlygy bardy.

# Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy.

@ Kitapçylar. Geň-taňsy wakalar